White City Ashgabat 2025

INTERNATIONAL EXPO & CONFERENCE

# HALKARA SERGISINIŇ WE MASLAHATYNYŇ BROŞÝURASY

www.ashgabat-white-city.com

White City Ashgabat 2025
INTERNATIONAL EXPO & CONFERENCE

Aşgabat şäher häkimligi

TGweBM

## GURNAÝJYLAR

tef events

## ÝARDAMÇY-GURAMAÇY

AÝDYN GIJELER

CAI INTERBUDMONTAZH

DOS "DOST gurluşyk, söwda, önümçilik" H.J.

## ALTYN HYZMATDAŞLAR

DÖWLET GURLUŞYK

AJAÝYP GURLUŞYK

RYSGALLY ZÄHMET

AWTOÝOLY

GAP İNŞAAT

RÖNESANS ENDÜSTRİ TESİSLERİ

GALKYNYŞ PLASTIK

EZIZ DOGANLAR

## KÜMÜŞ HYZMATDAŞLAR

BAÝLY - GURLUŞYK HUSUSY KÄRHANASY

Gujurly binagär husesy kärhanasy

## BÜRÜNÇ HYZMATDAŞLAR

Maslahata gatnaşmaga ýazylyň https://ashgabat-white-city.com/registration

## MEDIA HYZMATDAŞLAR

# STRATEGIK MASLAHAT

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň pähim-paýhasly ýolbaşçylygynda, Merkezi Aziýanyň merjeni – Aşgabat ösüşiň, gözelligiň hem-de geljege bolan ynamyň nyşany hökmünde şöhratyny artdyrmagyny dowam etdirýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda, Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli geçirilýän bu abraýly çäre, Aşgabat şäher häkimligi, Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy we Türkmen Energiýa Forum tarapyndan gurnalýar. “Ak şäherim Aşgabat” atly XXIV köpugurly Halkara sergisi we maslahaty paýtagtymyzyň “akylly”, “ýaşyl” we dünýä ülňülerine laýyk gelýän şähere öwrülmeginiň aýdyň nyşanydyr.

Ýigrimi ýyldan gowrak wagt bäri bu çäre, şähergurluşyk, senagat we innowasiýalar ulgamlaryndaky Türkmenistanyň gazanan üstünliklerini görkezýän öňdebaryjy sebit derejesindäki meýdança bolup hyzmat edýär. Çärä gatnaşmak isleýän halkara gatnaşyjylaryň sanynyň ýylsaýyn artmagy, ýurdumyzda alnyp barylýan parahatçylyk söýüjilikli hyzmatdaşlygyň hem-de maýa goýumlar üçin oňyn şertleriň döredilmeginiň aýdyň subutnamasydyr.

Ak mermerli paýtagtymyz Aşgabat ýokary depginler bilen ösmegini dowam etdirýär – bu ýerde döwrebap ýaşaýyş toplumlary, medeni we sport desgalary, önümçilik desgalary hem-de ylmy-tehnologik çözgütlere esaslanýan döwrebap sosial infrastruktura toplumlaýyn kemala getirilýär. Sergi we maslahat öňdebaryjy şähergurluşyk konsepsiýalary bilen tanyşmaga, şäheriň özboluşly arhitekturasyna baha bermäge hem-de döwlet edaralarynyň, senagat pudagynyň we innowasion jemgyýetçilik wekilleri bilen ýokary derejeli depleşige gatnaşmaga aýratyn mümkinçilik berýär.

2025-nji ýylda geçiriljek çäräniň dowamynda plenar mejlisler, ugurdaş panel mejlisler hem-de ikitaraplaýyn duşuşyklar geçiriler.





# // STRATEGIK MASLAHAT

**Olar aşakdaky esasy mowzuklara bagyşlanar:**

- **Akylly şäherler we sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy**
- **“Ýaşyl” arhitektura we durnukly şäher ösüşi**
- **Arassa we akylly energetika: gaz, ýel we gün energiýalary**
- **Häzirki zaman senagaty we infrastrukturanyň ösüşi**
- **Döwlet-hususy hyzmatdaşlyk**
- **Bilim, saglygy goraýyş we zähmet bazaryny ösdürmekde innowasion usullar**

**“Ak şäherim Aşgabat” atly XXIV köpugurly Halkara sergisi we maslahaty paýtagtymyzyň we tutuş Türkmenistanyň jemgyýetçilik, ykdysady, ylmy we medeni üstünlikleri bilen tanyşdyrmak üçin giň meýdançadyr. Halkara kompaniýalar, maliýe guramalary we maýadarlar bu ýerde geljegi uly taslamalary öwrenmek, hyzmatdaşlyk gurmak we täze söwda-önümçilik ylalaşyklaryny baglaşmak üçin giň mümkinçiliklere eýe bolarlar.**

**Şol bir wagtyň özünde, ýurduň ýerli kompaniýalary we hususy kärhanalary, Türkmenistanyň ösüşine goşan işjeň goşantlary bilen bir hatarda, öz garaýyşlaryny, tejribelerini we dürli ugurlarda hyzmatdaşlyga taýýardyklaryny görkezip we paýlaşyp bilerler.**

**Aşgabat şäher häkimligi, Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy we Türkmen Energiýa Forum ähli myhmanlary bu baýry halkara çärä gatnaşmaga uly hormat bilen çagyrýarlar. Gatnaşyjylar janly ýa-da onlaýn görnüşine gatnajakdyklaryna garamazdan, Türkmenistanyň strategiki taýdan ileri tutýan ugurlaryna, onuň öňdebaryjy taslamalaryna we maýa goýum mümkinçiliklerine artykmaç elýeterlilik gazanarlar.**

**“Ak şäherim Aşgabat” atly XXIV Halkara sergisine we maslahatyna gatnaşmaga Sizi çagyrýarys! RUHLANDYR, DÖRET, BIRLEŞDIR!**

# MAZMUNY


5 ***ÜSTÜNLIKLER WE MÜMKINÇILIKLER***

17 ***MASLAHATYŇ MAKSATNAMASY***

24 ***MASLAHATA GATNAŞMAGYŇ ŞERTLERI***




# ÜSTÜNLIKLER WE MÜMKINÇILIKLER



Taryhda Aşgabat şäheri eziz Watanymyzyň ykbalyny kesgitlän möhüm senetçilik we söwda ýollarynyň çatrygynda, gözel Köpetdagyň eteginde ýerleşip, gadymyýetden häzirki wagta çenli täzeçillikleriň, öňdebaryjy pikirleriň giňden durmuşa ornaşdyrylýan sebitleriniň biri bolupdyr. Bu günki günde hem paýtagt şäheriň at-owazasy tutuş dünýäde ylalaşdyryjy merkez, dünýä ýurtlarynyň we halklarynyň ykbalyna dahylly bolan parahatçylyk söýüjilik pikirleriniň gözbaş alýan ýeri hökmünde giňden tanalýar.

Aşgabat ösen senagatlaşan şäher bolmak bilen, durnukly ösüşiň, howpsuzlygyň we gaýtalanmajak gözelligiň özboluşly nyşany hökmünde ykrar edilýär. Şunlukda, Aşgabat şäheri Türkmenistanyň syýasy, durmuş-ykdysady, ylmy, tehnologik ösüşiň we innowasiýalaryň merkezi, döwletimiziň baş bilim we medeni merkezi bolup durýar. Sanlyja ýylda paýtagtymyzda dünýäde deňi-taýy bolmadyk gözel binalaryň ençemesiniň gurulmagy, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy üçin bina edilýän ýaşaýyş jaýlaryň giden hatary dünýä ülňülerine laýyk gelýän awtomobil ýollary, ak şäherimiziň dünýäniň döwrebap hem-de nusgalyk şäherleriniň birine öwürmek babatda hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan ajaýyp işleriniň miwesidir. Paýtagtymyz Aşgabat bu günki günde döwrebap ösüşiň milli nusgasyna öwrüldi. Durmuşa geçirilen gurluşyklaryň, täzeçil başlangyçlaryň netijesinde şäheriň görki, binagärlik keşbi düýpgöter özgerdi. Aşgabat özüniň arassalygy, suw çüwdürimleriniň ajaýyp sazlaşygy bilen görenleri bendi edýär. 2013-nji ýylyň 25-nji maýynda, paýtagtymyz Aşgabat, ak mermer bilen örtülen binalaryň has köp toplanan şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabynda täze sahypany açdy. Şunuň bilen baglylykda, her ýylyň 25-nji maýy – Aşgabat şäheriniň güni hökmünde ýurdumyzda dabaraly baýramçylyk çäreleri giňden bellenilýär.

Aşgabat şäheri Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň esasy syýasy-dolandyryş, söwda, medeni we ylmy merkezidir. Maslahatyň ikinji mejlisinde Aşgabadyň infrastrukturasy we gurluşyk taslamalarynyň maýa goýum mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşylar.

***Baýmyrat Annamämmedow, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary:***

Halkara Parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda “Ak şäherim Aşgabat” atly XXIV köpugurly Halkara sergisiniň we maslahatynyň geçirilmegi aýratyn ähmiýete eýedir. Aşgabat häzirki zaman, durnukly, ýaşaýyş üçin amatly we ynamly ösýän şäher hökmünde, halkara hyzmatdaşlygyna we maýa goýumlaryna doly açykdyr. Sergi we onuň yzysüre geçirilýän maslahat bolsa durnukly we umumy ösüşiň hatyrasyna netijeli gepleşikleriň, tejribe alyşmalarynyň hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň täsirli meýdançasyny döredýär.



***Rahym Gandymow, Aşgabat şäheriniň häkimi:***



Merkezi Aziýanyň merjeni bolan ak mermerli Aşgabat – parahatçylygyň, ynanyşmaklygyň we hyzmatdaşlygyň merkezidir. “Ak şäherim Aşgabat” atly XXIV köpugurly Halkara sergisine we maslahatyna” gatnaşyjylary biziň şäherimiz buýsanç we myhmansöýerlik bilen garşy alar, ylaýtada bu çäre biziň açyk gapylar syýasatymyzyň hem-de halkara hyzmatdaşlygyna bolan ygrarlylygymyzyň aýdyň beýanydyr. Myhmansöýer türkmen topragy hemişe maýadarlara açykdyr we durnukly ösüşiň tarapdarlarynyň ählisini ýagty geljegiň sebäpkäri bolmaklaryna çagyrýarys. Döredýän, ruhlandyrýan we birleşdirýän şähere maýa goýuň!

***Toýguly Nurow, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministri:***

Ak şäher Aşgabat” atly XXIV köpugurly Halkara sergisi we maslahaty – Türkmenistandaky yzygiderli ösüşleriň, durnukly, döwrebap we açyk ykdysadyýetiň aýdyň subutnamasydyr. Aşgabadyň ösüşi bolsa häzirki zaman şähergurluşyk çemeleşmeleriniň we senagat tehnologiýalarynyň durnuklylyk hem-de oýlanyşykly döwlet syýasaty şertlerinde üstünlikli durmuşa geçirilýändigini nusgasydyr. Türkmenistanda gurluşyk we senagat ulgamlary maýa goýumlary üçin ygtybarly we geljegi uly ugurlar bolup, özara peýdaly halkara hyzmatdaşlygyna giň mümkinçilikleri hödürleýär.



# ÜSTÜNLIKLER WE MÜMKINÇILIKLER

Türkmenistanda döredilen amatly maýa goýumyň ýagdaýy, telekeçilige döwlet goldawynyň täsirli çäreleri we döwletiň bu pudaga goýan möhüm maliýe çeşmeleri şäher ösüş syýasatynyň üstünligini kesgitledi. Onuň çäginde ýüzlerçe senagat, durmuş we medeni desgalary paýtagtda we sebitlerde her ýyl gurulýar we durky täzelenýär, şol sanda häzirki zaman ýaşaýyş jaýlary, orta mekdepler, çagalar baglary, lukmançylyk we sport merkezleri, iri we kiçi senagat kärhanalary gurlup ulanylmaga berilýär.

"Türkmenistanyň senagat we gurluşyk pudaklary: Geljege göz aýlamak" ady bilen geçiriljek maslahatyň plenar mejlisiniň çäginde sebitdäki ýurtlaryň energiýa pudagynda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek mümkinçiligini we ykdysadyýetiň gurluşyk pudaklaryny ara alyp maslahatlaşarys. Şeýle hem, erkin senagat zolaklaryny döretmek we türkmen döwlet guramalary, maliýe guramalary, şol sanda gurluşyk we senagat bilen meşgullanýan halkara guramalaryň arasynda halkara hyzmatdaşlygyny güýçlendirmek üçin mümkinçilikleri öwreneris.

Umumy mejlis Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary Baýmyrat Annamämedow tarapyndan açylar. Bu pudakda daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegini göz öňünde tutup, pudagyň esasy ugurlaryny we geljekdäki ösüş ugurlaryny görkezer. Öňdebaryjy dünýä gurluşyk kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bu pudakdaky soňky taslamalaryny hödürlärler we geljekki ösüş üçin tejribelerini we garaýyşlaryny paýlaşarlar.





# ÜSTÜNLIKLER WE MÜMKINÇILIKLER

Öňde goýlan wezipeleri, şol sanda halk hojalyk toplumyny güýçli depginde senagatlaşdyrmak boýunça wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmekde energetika senagatyna möhüm orun berilýär.

Elektroenergetika pudagyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda, diýarymyzyň ähli sebitlerinde döwrebap elektrik stansiýalary guruldy, öndüriji kuwwatlyklar ençeme esse artdyryldy, täze elektrik geçiriji ulgamlar guruldy we täzelenildi we bu işler ýurdumyzyň dünýä energetika ulgamyna mundan beýläk-de goşulyşmagy üçin amatly şertleri döredýär.

Energiýa çeşmeleriniň monetizasiýasyny we diwersifikasiýasyny çaltlaşdyrmak boýunça mejlisiň çäginde gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini, bar bolan we täze elektrik stansiýalaryny döwrebaplaşdyrmak, gaz himiýasy we elektrik energiýasy inženerçiligine täze maýa goýum taslamalary ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşylar.

Diýarymyzyň halkalaýyn energiýa ulgamyny döretmek boýunça giň möçberli taslama üstünlikli amala aşyrylýar, onuň durmuşa geçirilmegi şäherleri we obalary elektrik energiýasy bilen ygtybarly üpjün etmäge, durmuş-ykdysady ösüşiň möhüm wezipelerini çözmäge, türkmen elektrik energiýasyny daşary ýurtlara eksport etmegiň mümkinçiliklerini giňeltmäge ýardam berer.

Häzirki döwürde ýurdumyzda jemi kuwwaty 7000 megawata deň bolan 12 sany elektrik stansiýasy işleýär. Şolaryň 8-si Garaşsyzlyk ýyllarynda, has takygy, 2013—2021-nji ýyllarda gurlup ulanmaga berildi.

Taslama laýyklykda, täze elektrik stansiýasynda 4 sany gaz hem-de 2 sany bug turbinalary hereket eder. Olaryň jemi öndürijilik kuwwaty 1574 megawata deňdir. Ol ýurdumyzda kuwwaty boýunça ikinji elektrik stansiýasy bolar we Balkan welaýatynyň sarp edijilerini elektrik energiýasy bilen ygtybarly üpjün eder.

Utgaşykly işleýän gaz-bug aýlanyşygy ýokary peýdaly iş koeffisienti bilen tapawutlanýan elektrik energiýasynyň önümçiliginiň täze görnüşidir. Onuň binýatlaýyn esasy, gaz turbinasynda ýakylýan ýangyjyň täsirinde ýokary temperaturada döreýän galyndyny bug turbinasynda netijeli ulanmagyň hasabyna goşmaça elektrik energiýasyny öndürmekde jemlenýär.





# ÜSTÜNLIKLER WE MÜMKINÇILIKLER





Bu döwrebap tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy ýurdumyzda galyndysyz önümçiligi ösdürmek nukdaýnazaryndan wajyp bolup, elektrik energiýasy öndürilende, sarp edilýän tebigy gazy tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Täze elektrik stansiýasynda ähli önümçilik işi sanly ulgam arkaly awtomatlaşdyrylyp, dolandyryş merkezine birikdiriler we bu bolsa önümçiligiň ýokary netijeliligini üpjün eder.

Bu ýerde öndürilen elektrik energiýasynyň artykmaç bölegini ýurdumyzyň bitewi halkalaýyn energoulgamyna ibermäge mümkinçilik dörär. Mälim bolşy ýaly, halkalaýyn energoulgamy döretmek taslamasynyň birinji tapgyry bolan Ahal—Balkan ýokary woltly asma elektrik geçirijisi 2021-nji ýylda işe girizildi.

Umuman, Türkmenistanda bitewi energiýa halkasynyň döredilmegi Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň energetika ulgamlarynyň arasyndaky özara ätiýaçlandyryşa mümkinçilik berer. Munuň özi, ýurdumyzyň energiýa ulgamynyň ygtybarlylygyny berkidip, onuň kuwwatlylygynyň ätiýaçlyk gorlaryny yzygiderli artdyrmaga, zerur bolan wagtynda elektrik energiýasyny degişli ugurlara paýlamaga şert döreder. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi paýtagtymyzydyr welaýatlary elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek bilen, onuň beýleki döwletlere eksportynyň möçberini artdyrmaga hem ýardam eder.

Mary—Ahal ugry boýunça ýokary woltly asma elektrik geçirijisiniň işe girizilmegi ýurdumyzyň bitewi energiýa halkasyny döretmekde nobatdaky tapgyr boldy.

Türkmenbaşy Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda umumy dizaýn kuwwaty 70 MWt bolan elektrik öndürmek üçin iki sany täze gaz turbinaly enjam işe girizildi.Kombinirlenen aýlaw elektrik stansiýalary diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem ekologiýa taýdan has arassa bolup durýar

Bug-gaz elektrik stansiýalary diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem ekologiýa taýdan hem arassa. Türkmenistan energetika pudagynda sebit we halkara ähmiýetli iri taslamalary durmuşa geçirmek bilen, daşky gurşawy goramak meselelerine ýokary derejede jogapkärli çemeleşýändigini görkezýär.

# ÜSTÜNLIKLER WE MÜMKINÇILIKLER



Häzirki wagtda himiýa senagaty ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň iň çalt ösýän pudaklarynyň biridir. Türkmenistan gysga wagtyň içinde Maryda we Garabogazda ammiak we karbamid öndürýän zawodlaryň, Gyýanlyda Polimer zawodynyň, Owadandepede bolsa tebigy gazdan ýangyç öndürýän zawodynyň gurluşygy boýunça maýa goýum taslamalaryny üstünlikli tamamlady.

Ýurdumyz "Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-2028-nji ýyllar üçin ýurduň durmuş-ykdysady ösüş Maksatnamasynda" öz beýanyny tapýan, milli ykdysadyýetiň strategiki pudaklarynyň biri hökmünde himiýa pudagynyň ösüşine aýratyn üns berýär.

Bulara Garabogazköl aýlagynyň kristallaryň arasyndaky we ýerüsti duzly suwlary, ýerasty ýod-bromly suwlary, nebit, gaz we kükürt ýataklarynyň suwlary degişlidir. Häzirki wagtda olar dürli görnüşli mineral duzlaryny, ýod, brom we olaryň birleşmelerini öndürmekde ulanylýar. Dünýäde natriý sulfatynyň we beýleki peýdaly minerallaryň iň uly ýatagy bolan Garabogazköl aýlagy, Türkmenistanyň mineral baýlyklarynyň binýadyny döretmekde möhüm orun eýeleýär. Bu ýatak dünýäde dürli duzlaryň senagat derejesinde kristallaşmagynyň adaty we tebigy şertlerinde amala aşyrylýan ýeke-täk ýatagydyr. Onuň meýdany 18,6 müň inedördül kilometre barabar bolup, kenar boýynyň uzynlygy bolsa takmynan 800 kilometre deňdir.

Şeýle hem, Türkmenistanyň senagat we gurluşyk pudaklaryna aýratyn üns berler. "Türkmenistanyň senagat we gurluşyk pudaklary: Geljege göz aýlamak" atly umumy maslahatyň çäginde ösüş ugurlary, maýa goýum mümkinçilikleri we ýurduň sebitleýin ykdysadyýetindäki orny ara alnyp maslahatlaşylar. Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek maksady bilen, energetika we infrastrukturadaky täze taslamalar we şol sanda, TAPI we TAP gaz geçirijileri hödürleniler.

Türkmenistan ýurduň dürli sebitlerindäki kärhanalarynda önümçilik proseslerini döwrebaplaşdyrmak üçin möhüm mümkinçiliklere eýedir we ol senagatyny işjeň ýagdaýda döwrebaplaşdyrýar. Muňa aýdyň mysallar hökmünde Balkan welaýatyndaky täze ammiak we karbamid önümçilik kärhanasynyň gurluşygy boýunça giň gerimli taslamalary, Ahal welaýatyndaky tebigy gazdan ýangyç öndürýän zawodynyň mümkinçiliklerini giňeltmegi, şeýle hem Gyýanly Polimer zawodynda we Türkmenabatdaky Himiýa zawodynda täze önümçilik desgalarynyň işe girizilmegini görkezmek bolar.

# ÜSTÜNLIKLER WE MÜMKINÇILIKLER

2021-nji ýylyň mart aýynda "Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri hakynda" atly Türkmenistanyň Kanuny güýje girdi. Bu Kanuna laýyklykda, aýratyn-da gün we ýel ýaly täzeden dikeldilip energiýa çeşmeleri peýdalanmak arkaly elektrik energiýasyny öndürmegiň innowasion taslamalary işlenip düzülýär.



2022-nji ýylyň iýul aýynda Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda kuwwaty 10 megawatt bolan ilkinji köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň gurluşygyna başlanyldy.

Bu bolsa ýurdumyzda gaýtadan dikeldilýän "ýaşyl" energetikanyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak bilen baglanyşykly taslamalaryň ýokary isleginiň we uly geljegiň bardygynyň aýdyň subutnamasydyr. Şeýle taslamalar geljekde ýurduň öňdebaryjy ykdysady pudagynyň mümkinçilikleriniň artdyrylmakda hem-de degişli infrastrukturanyň mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrylmakd möhüm orny eýelär.









Toplumlaýyn durmuş-ykdysady maksatnamalaryň çäklerinde ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli gurluşyklar ýokary hilli gurluşyk serişdelerine bolan islegiň ýokarlanmagyny, ýerli çig malyň binýadynda olaryň önümçiliginiň ösdürilmegini şertlendirildi.

Häzirki wagtda gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň täze känlerini ýüze çykarmak boýunça geologik barlaglar işjeň alnyp barylýar. Bu işleriň netijeleri önümçilik toplumlarynyň kuwwatyny pugtalandyrmaga, ýokary hilli gurluşyk serişdeleriniň, beýleki önümleriň öndürilişiniň möçberini artdyrmaga gönüdengöni ýardam edýär. Şeýle önümlere ýurdumyzda we daşary ýurtlarda uly isleg bildirilýär.

Döwlet Baştutanymyz täze gurulýan desgalaryň ýokary hilli gurluşyk serişdeleri bilen yzygiderli üpjün edilmeginiň möhümdigine ünsi çekip, türkmen topragynyň örän baý ýerli çig mal serişdelerini giňden özleşdirmek boýunça işleri çaltlandyrmagyň zerurdygyny nygtaýar.

Maslahatyň üçünji mejlisi häzirki gurluşyk we senagat meselelerine bagyşlanjakdygyny hem bellemek gerek. Ýokary hilli gurluşyk önümleriniň öndürilmegine we täze infrastruktura taslamalarynyň maliýeleşdirilmegine aýratyn üns berler. Maslahata gatnaşyjylar halkara derejesinde senagat hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň mümkinçiliklerini, şeýle hem sanlylaşdyrmagyň söwda we senagata täsiri barada pikirleri alyşarlar.

Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzda hereket edýän önümçilikleriň tehniki we ykdysady taýdan durnuklylygyny üpjün etmäge, olaryň döwrebaplaşdyrylmagyna, importyň ornuny tutýan we eksport ugurly önümleri öndürmäge ýöriteleşen täze zawoddyr-kärhanalaryň döredilmegine gönükdirilen işler alnyp barylýar.





Ýurdumyzyň möhüm magistrallarynda awtobanlaryň, köprüleriň, estakadalaryň, ýerasty geçelgeleriň we köp derejeli çatryklaryň gurluşygy iň täze tehnologiýalaryň hem-de aýratyn inžener-tehniki çözgütleriň ulanylmagyny talap edýän desgalara has-da uly ähmiýet berilýär.

Bu ugurda alnyp barylýan işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de awtomobil ýollarynyň gurluşyk ulgamyny has-da kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, 2022-nji ýylyň fewralynda Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi döredildi.

Häzirki wagtda täze awtomobil ýollaryny gurmak hem-de ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek boýunça amala aşyrylýan giň möçberli taslamalar döwrebap ulag-logistika ulgamyny döretmäge, Türkmenistanda möhüm üstaşyr ulag geçelgesine öwrülen döwlet hökmünde ýurdumyzyň eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga gönüden-göni ýardam edýär.

Türkmenistan döwlet-hususy hyzmatdaşlyga, amaly iş usullarynyň giňden ornaşdyrylmagyna we hususy pudagyň bu işe bazar ykdysadyýetine işjeň gatnaşmagyna uly ähmiýet berýär.

2008-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi häzirki wagtda içerki hususy kärhanalaryň 28 müňden gowrak wekilini birleşdirýär we ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk pudagyny ösdürmek, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak we döwrebap emele getirmek üçin uly işler alyp barýar. Telekeçiler hususy kärhanalary halkara derejesine çykarmak we öňündäki wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ähli tagallalary edýärler.



Şunuň bilen baglylykda, maslahatyň dördünji mejlisinde gurluşyk we infrastruktura boýunça döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ara alnyp maslahatlaşylar. Esasy üns maýa goýum mümkinçiliklerine, döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň kanuny we maliýe taraplaryna we olary dürli pudaklarda durmuşa geçirmek tejribesine gönükdiriler. Sanly üýtgemelerde we taslamalaryň netijeliligine baha bermekde döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň ornuna aýratyn üns beriler.

Häzirki wagtda hususy kompaniýalar iri maýa goýum taslamalarynyň birnäçesini amala aşyrýarlar, olaryň hatarynda tutuş ýurt boýunça senagat desgalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň we ýollaryň gurluşygy hem bar. Maslahatyň dördünji mejlisiniň çäklerinde döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mundan beýläkki wektory, täze kynçylyklar we mümkinçilikler ara alnyp maslahatlaşylar. maliýeleşdirmegiň beýleki görnüşleri.





**1-nji gün** Şenbe, 24-nji maý

Plenar mmejlisi

14:00 - 15:00 "Olimpiýa" myhmanhanasy

## HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY: AK ŞÄHER AŞGABAT - GELJEGIŇ WE MÜMKINÇILIKLERIŇ ŞÄHERI

Plenar mejlisi Aşgabadyň akylly, durnukly we hemmetaraplaýyn megapolise öwrülmeginiň strategiki ösüşine bagyşlanar. Mejlise gatnaşyjylar paýtagtymyz Aşgabatda durmuşa geçirilýän döwrebap şähergurluşyk usullaryny, şol sanda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny, "ýaşyl" infrastrukturany, howpsuz ulag ulgamyny hem-de toplumlaýyn abadanlaşdyryş çärelerini ara alyp maslahatlaşarlar. Esasy üns Türkmenistanyň häzirki zaman şähergurluşyk ülňüleriniň döredilmegine goşan goşandyna, maýa goýumlaryň çekilmegine bütindünýä durnukly ösüş üçin hyzmatdaşlygyň berkidilmegine gönükdiriler.

- "Ak şäherim Aşgabat" konsepsiýasynyň tanyşdyrylyşy — binagärlik däpleriniň we innowasion tehnologiýalaryň utgaşmasy.
- "Akylly şäheriň" ösüşi: Sanly infrastruktura, akylly öýler, ulag we jemgyýetçilik hyzmatlary.
- Şäheriň maýa goýumlaryň hereketlendirijisi hökmünde çykyş etmegi: gurluşyk, infrastruktura we jemagat ulgamyndaky geljegi uly taslamalar.
- Howpsuz we durnukly ulag ulgamy: sanly dolandyryş we betbagtçylykly hadysalaryň azaldylmagy.
- Durnukly abadanlaşdyryş işleri we ýaşyl zolaklar: ekologiýa ülňüleri hemde şäher gurşawynyň hil derejesi.
- Hemmetaraplaýyn şäher syýasaty: elýeterlilik, jemgyýetçilik infrastruktura we raýatlaryň gatnaşmagy.
- Aşgabat şäherini geljegiň şäherine öwürmekde halkara hyzmatdaşlarynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň tutýan orny.



"Türkmenistan tutuş sebit üçin görelde bolup, durnukly energetika pudagyndaky tejribäni işjeň durmuşa geçirýär. Şeýle ädimler diňe bir uglerodyň yzlaryny azaltmaga kömek etmän, eýsem geljegimiziň durnukly ösüşi üçin wajyp bolan energetikanyň howpsuzlygyny güýçlendirýär. Bu hereketler, Türkmenistanyň dünýä daşky gurşaw maksatlaryna ygrarlydygyny we arassa energiýa pudagynda halkara hyzmatdaşlygyny güýçlendirýändigini görkezýär."

**DMITRIÝ ŞLAPAÇENKO**

Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy

**2-nji gün** | Ýekşenbe, 25-nji maý

Mejlis 1

09:30 - 10:30 "Olimpiýa" myhmanhanasy

## HÄZIRKI ZAMAN GURLUŞYGY WE SENAGATY: HIL, TEHNOLOGIÝALAR, MALIÝELEŞDIRMEKLIK

Mejlis gurluşyk pudagynyň we senagat önümçiliginiň döwrebaplaşdyrylmagyna, gurluşyk serişdelerini öndürmekde häzirki zaman tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, şeýle hem infrastruktura taslamalaryny maliýeleşdirmek boýunça netijeli strategiýalary ara alnyp maslahatlaşylmagyna bagyşlanar. Esasy üns halkara senagat hyzmatdaşlygyna, sanly çözgütleriň ornaşdyrylmagyna, bütin dünýäde üýtgäp duran ykdysady şertleriň esasynda emele gelýän täze mümkinçiliklere beriler.

- Dünýä ykdysadyýetinde senagat hyzmatdaşlygy: tejribe we geljekki mümkinçilikler.
- Bütindünýä tejribeler we söwdanyň hem-de senagatyň ösüşiniň geljegi.
- Söwdany we senagaty ýönekeýleşdirmekde we ösdürmekde sanly ulgamyň orny.
- Gurluşyk serişdelerini geljegi öndürmekde häzirki zaman ülňüler we tehnologiýalar.
- Infrastruktura we önümçilik taslamalaryna maýa goýumlaryny çekmegiň usullary.
- Häzirki zaman geologiýanyň täzeçillikleri we meseleleri: Türkmenistanyň gurluşyk pudagyna peýdaly magdan we magdan däl görnüşli gazylyp alynýan baýlyklaryň we minerallaryň gözleg-agtaryş we gazyp alyş işleri.



"Häzirki wagtda Türkmenistan oňat makro gurşawyny we ýokary ösüş depginlerini üpjün etmek, maýa goýum ýagdaýyny gowulandyrmak we amatly iş şertlerini döretmek we milli ykdysadyýetiň bäsdeşlik ukybyny we netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ulgamlaýyn ykdysady we maýa goýum syýasatlaryny durmuşa geçirýär. Türkmenistanda potensial hyzmatdaşlaryň öňe gidip biljek üstünliklerine, sepgitlerine we özara peýdaly netijeli hyzmatdaşlygyna ynamymy bildirýärin."

**RAHYMBERDI JEPBAROW**

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň müdiriýetiniň başlygy

**2-nji gün** Ýekşenbe, 25-nji maý

Mejlis 2

**11:00 - 12:30** "Olimpiýa" myhmanhanasy

## DÖWLET-HUSUSY HYZMATDAŞLYGYŇ GURLUŞYK, SENAGAT WE TÄZE AWTOULAG ÝOLLARYNYŇ ÖSDÜRILMEGINDÄKI ORNY

Mejlis gurluşyk pudagyny, senagaty we ulag infrastrukturasyny ösdürmegiň netijeli guraly hökmünde döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň tutýan ornuny seljermäge bagyşlanar. Gatnaşyjylar döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň esasy nusgalaryny, hukuk we maliýe serişdelerini, şeýle hem ykdysadyýetiň sanly ösüşi şertlerinde olardan peýdalanmagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşarlar.

- Ýol gurluşygynda we ulag infrastrukturasyny dolandyrmakda döwlethususy hyzmatdaşlygy amala aşyrmagyň tejribesi.
- Gurluşyk pudagynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň hukuk we maliýe taraplary.
- Sanly ösüş şertlerinde döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmek
- Ynamly dolandyryş, eglişikler we döwlet-hususy hyzmatdaşlyk bilen baglanyşykly meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy.
- Döwlet infrastruktur taslamalaryna hususy maýanyň we tehnologiýalaryň çekilmeginiň gurallary.



«Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary we Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň üstünlikli dowam edýän oňyn syýasaty netijesinde, Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň infrastrukturasy düýpgöter güýçlendirildi. Häzirki wagtda, bu pudakda ygtybarly elektrik üpjünçiligini üpjün edýän we goňşy döwletlere eksporty artdyrýan umumy kuwwaty 7000 MWt bolan 12 sany elektrik stansiýa işleýär."

**SERDAR SAPAROW**

Türkmenistanyň Energetika ministriniň orunbasary

Mejlis 3

13:30 - 14:30 "Olimpiýa" myhmanhanasy

## TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINIŇ GURLUŞYK, SENAGAT WE ENERGETIKA PUDAKLARYNYŇ TÄZELENMEGINDE TEHNOLOGIK INNOWASIÝALAR

Mejlis öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak we zähmet bazaryny ösdürmek arkaly Türkmenistanyň gurluşyk, senagat we energetika pudaklarynda önümçilik işlerini döwrebaplaşdyrmagyň derwaýys meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga gönükdirilendir. Gatnaşyjylar sanly özgertmeleriň usullaryna, ýokary okuw jaýlary bilen netijeli hyzmatdaşlygyň nusgalaryna, şeýle hem çalt depginde üýtgeýän tehnologik gurşawyň şertlerine görä işlemäge ukyply, tehniki-inžener ugurlary boýunça hünärmenleri taýýarlamak tejribelerine serederler.

- Sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy durnukly ösüşiň binýady hökmünde: Önümçiligiň netijeliligini, howpsuzlygyny we ekologiýa taýdan ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak.
- Hünärmenleri taýýarlamak üçin hususyýetçilik bilen bilim ulgamynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi: Zähmet serişdeleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak.
- Innowasion ösüşde döwlet goldawynyň möhüm itergi hökmünde çykyş etmegi: Sanly infrastruktura goýlan maýa goýumlary, innowasiýalary höweslendirmek we döwrebap tehnologiýalaryň ösdürilmegi
- Senagat, gurluşyk we energetika pudaklarynda emeli aňyň esasynda çözgütleriň ornaşdyrylmagy: Önümçilik işini kämilleşdirmek, töwekgelçilikleri çaklamak we umumy önümçiligi ýokarlandyrmak.
- Energiýa tygşytlaýjy we “akylly” tehnologiýalary ulanmak arkaly awtomobil ýollarynyň elektrik togy bilen üpjün etmek we döwrebaplaşdyrylmak.



" Biziň maksadymyz, 2022-nji ýyldan bäri fransuz kärhanalarynyň barha artýan gyzyklanmasyny görkezýän fransuz kompaniýalaryna Türkmenistandaky taslamalaryna goldaw bermek we höweslendirmekden ybaratdyr. Energetika pudagy, esasan hem nebit we gaz pudagynda zyňyndylary kadalaşdyrmak we azaltmak meselesinde köp mümkinçilikleri hödürleýär we biz Türkmenistanyň gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň mümkinçiliklerini öwrenmek isleýäris. "

**PÝER-ERIK SAINT-ANDRE**

“Bouygues Bâtiment International” kompaniýasynyň baş direktory


CIET 2024
CIET 2024






## Aragatnaşyk üçin kofe arakesmesi

Gatnaşyjylara häzirki meseleleri rahat ýagdaýda ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berýän kofe arakesmeleri, konferensiýa maksatnamasyna hem girýär.

## Agşamlyk nahary

Mundan başga-da, wekiller işewürlik gatnaşyklaryny berkitmek üçin amatly şertleri döredýän «Gül Zaman» banket zalyna agşam naharyna çagyrylýar.











## «Olimpiýa» myhmanhanasynda soňky kokteýl kabul edişligi

Bu çäre, «Olimpiýa» myhmanhanasynyň 10-nji gatynda ýerleşýän restoranda soňky kokteýl kabul edişligi bilen tamamlanar. Restoranyň türkmen milli aşhanasynyň özboluşly atmosferasy we tagamlary delegatlara Türkmenistanyň däp-dessurlary we medeniýeti bilen has gowy tanyşmaga mümkinçilik berer.

# HALKARA SERGISINIŇ WE MASLAHATYNYŇ MAKSATLARY

Sizi ajaýyp bir wakanyň — 24-nji Köpugurly Halkara Sergisi we Maslahaty "Ak şäherim Aşgabat" atly abraýly çäräniň bir bölegi bolmaga çagyrýarys. Türkmenistanyň ajaýyp paýtagtynda geçiriljek 300-den gowrak öňdebaryjy wekilleriň we 30-dan gowrak meşhur çykyş edijileriň gatnaşmagynda, 4-den gowrak baý manyly sessiýalary öz içine alýan we her ýyl geçirilýän bu çäre özboluşly hyzmatdaşlyk meýdançasy bolup durýar.

Bilimiň iň soňky gazanalary we amaly tejribäniň dünýäsi bilen tanyşyp, häzirkizaman bina gurluşygyndan we innowasion şäher ösüşinden başlap, "akylly şäherler", energetika hem-de senagat ýaly möhüm ugurlara çenli gözýetimiňizi giňeldiň. Geljegi kesgitleýji döwrebap tehnologiýalar we çözgütler bilen tanyşyň. Ykdysady mümkinçilikleriňizi giňeldip, gurluşyk hem-de energetika pudaklarynda gymmatly iş gatnaşyklaryny ýola goýuň, hyzmatdaşlygyňyzy pugtalandyryň.

Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, energetika we infrastruktura pudaklarynda uly mümkinçiliklere eýe bolan maýa goýum taslamalaryna hemmetaraplaýyn mümkinçilikleri alyň. Pudagyň öňdebaryjylary bilen bilelikde häzirki wagtyň kynçylyklaryna garşy netijeli çözgütleri innowasion çemeleşmeleri we döwrebap tehnologiýalary halkara hyzmatdaşlygynyň birleşmesiniň esasynda tapyň.

**MASLAHAT SANLARDA**

**50+** çykyş edýänler

•

**4+** mejlisler

•

**300+** wekiller

"Ak şäherim Aşgabat" çäresini gurluşyk, akylly şäherler we durnukly energetika ugurlarynda gazanan üstünlikleriňizi görkezmek hem-de öz brendiňizi tanatmak üçin täsirli meýdança hökmünde ulanyň. Bu möhüm waka sebitara we halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakda, köpugurly we uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ösdürmekdee Türkmenistanyň strategiki taýdan möhüm ykdysady pudaklaryna hususy we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde deňi-taýy bolmadyk pursatdyr.

Täze mümkinçiliklere tarap ädim ädiň — "Ak şäher Aşgabat" gatnaşyň!

# MASLAHATA GATNAŞMAGYŇ ŞERTLERI

<table>
<tr><th>Kategoriýalar</th><th>Bahasy</th><th>Ýeňillikler</th></tr>
<tr><td>Türkmenistanyň gurluşyk, himiýa, senagat we energetika pudaklarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklara gatnaşmak üçin Halkara kompaniýanyň wekili</td><td>500 USD</td><td rowspan="2">- Wiza goldawy<br>- Aeroportdan we myhmanhanadan geçişi<br>- Maslahata iki günlik gatnaşmagy<br>- Wekiller üçin eko-torba<br>- Çäräniň dowamynda geçirilýän kofe arakesmelerine, günortanlyk naharlaryna, kabul ediliş we sergä bagyşlanan agşamlyk naharlaryna gatnaşmaga bolan ygtyýary<br>- Maslahat maksatnamasynyň çäginde gezelençlere gatnaşmaga bolan ygtyýary<br>- Ministrlikleriň we bölümleriň ýokary ýolbaşçylary bilen duşuşyklara gatnaşmaga bolan ygtyýary<br>- Maslahatyň ähli prezentasiýalaryna we surat ýygyndylaryna bolan ygtyýary</td></tr>
<tr><td>Türkmenistanyň gurluşyk, himiýa, senagat we energetika pudaklarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklara gatnaşmak üçin Milli turkmen kompaniýanyň wekili</td><td>3000 TMT</td></tr>
</table>


CIET 2024

White City Ashgabat 2025
INTERNATIONAL EXPO & CONFERENCE

**Maslahata ýazylmaga howlugyň!**

www.ashgabat-white-city.com